# Sagdy Şirazydan hikmetli sözler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sagdy Şirazydan hikmetli sözler SAGDY ŞIRAZYDAN HIKMETLI SÖZLER



Ömrüňi biderek zatlar bilen geçirme. Mümkinçilik eliňe az geçer. Wagt diýeniň kesgir gylyçdyr.
Erbet adam başgalaryň gynanjy bilen ynjalyk tapýan adamdyr.

Kanagat saňa ilki zäher bolup görüner, emma tebigatyňa bir kök salansoň, bala döner.

On derwüş bir keçäniň üstüne sygyp durka, iki patyşa dünýä sygmaýar.

Aň gulagyňa dykylan gaflat pagtasyny çykarsaň, ölüleriň nesihatyny eşdip bilersiň.

Öz aýbyňyzyň ýükçüsi bolup ýörkäňiz, başgalaryň aýbyny ýazgarmaň.

Çagalarymyzy guzy ýaljak ulaltsak, geljekde goýun deýin güýlerler.

Öwginiň ýüpi bilen guýa inme. Hatam kimin ker bol, öz ýayplaryňy gulagyň bilen diňle!

Her sagat “ber” diýip duran nebis, eýesini obama-oba aýlandyrar…

Adam bolasy gelýän kişi ilki nebsiniň itini sem eder.

Mesele seniň jahyllygyňda däl, özüňi alym sanmagyňda.

Birnäçe ýagşylygyny gören adamyňa ýamanlyk etmegiň adamçylyga sygyşýan zat däl.

Ýagyşyň päkize tebigatynda çaprazlyk bolmasa-da, bagda läle biter, takyr toprakda tiken.

Näçe okasaň okaber, bilýän zadyňa ýaraşýan şekilde ýaşamasaň, barypýatan jahylsyň…

Dünýäniň mülküne arkaýyn bolma, ynanma. Ol seniň ýaly nijemeleri goýnunda saklap öldürdi.

Jahyl adam takdyra ýumrugyny salgar.

Bimaksat ýaşaýanlar binesip galarlar.

Köp wagt geçmese, adamyň nähildiigini bilmek mümkin däl.

Hiç zada göwnüňi bermeli däl, soň ondan göwnüňi bölmek kyn bolýar.

Öz ahlagyňy duşmanyňdan diňle, dostuň gözünde näme etseň dogrudyr.

Dogryňy aýdyp zynjyra baglanmak ýalan sözläp zynjyrdan halas bolmakdan gowudyr.

Ylmyny, dindarlygyny gözlük üçin ulanan adam harmanyny üýşürip oda beren ýalydyr.

Öňler dünýäde daşyndan göräýmäge hüpül-süpül, ýöne içki dünýäleri çugdam adamlar bardy. Indikileriň daşky görnüşi çugdam, ýöne içki dünýäleri hüpül-süpül.

Durmuşy arzuwlaýanlaryňa görä geçmese gynanma. Sabyr et, sabyr ajydyr, ýöne miwesi süýjidir.

Gül özüni pes gören gara toprakda ýetişýär.

Messepsizlere garşy messepsizlik edip bolýar, ýöne özüni adam hasaplaýanyň itlik edenini görmeseň gowy…

Ne töweregiňizi gynandyrjak derejede gödek, ne-de garşyňyzdakylary gylawlandyrjak derejede ýumşak boluň.

Içiň aglasa-da kim duýar seni,
Kim aňlar daşardan bolup öteni?
Leýliniň ýüzüni görenler biler,
Mejnunyñ kalbyna batan tikeni!

Adam adamlardan ýagşylyk tama edýär. Men seniň ýagşylygyňdan geçdim, maňa ýamanlygyň ýetmese bolýar!

Müň gezek dogry iş edenem bolsaň, bir gezek ýalňyşanyň gürrüňini ederler.

Dostuň wepaly bolsa, duşmanyň edip biljek zady ýok.

Ýarganatyň gözüi gündiz görmeýän bolsa, Günüň bärde näme günäsi bar?

Wagtlaýyn ýary ýar sanma.
Dünýäniň wepasy ýokdur, aldanma.

Adam ýa-ha adam kimin akylly-başly gürlemeli, ýa-da haýwanlar ýaly dymmaly!

Allany tanaýan bir keseki üçin Oňa ýat bolan müň garyndaş pida!

Otluga bir keselli öküzi goýberseň, keselini obanyň bütin

öküzlerine ýolukdyrar.

Möjegiň kellesini halkyň goýunlaryny parçalandan soň däl, ilki kesmeli.

Iň gorkuly pursatlaryňda-da umydyňy gaçyrma. Ýülükleriň iň süýjisiniň iň berk süňkdedigini ýatdan çykarma.

Diňleseň, saňa bir nesihatym bar: “Tiken ekip, gül ýetişdirip bilmersiň”.

Syrkawa şeker berseň günä bolar, çünki oňa diňe ajy derman peýda berýär.

Şerabyň serhoşy gije ýarymdan soň, ümsümligiň serhoşy bolsa magşaryň sabasynda oýanar.

Miwesiz agajy hiç kim daşlamaýar.

Miweli agajyň başy aşak bolýar.

Köňül kimi söýse, şolam owadandyr.

Düýnüň barybir geçdi, ertiriňem heniz gelmedi. Hasabyňy edil häzir gelip-gidip duran demiň üçin ur!

Garamagyndakylaryň günäsini ötüp bilmeýänler, bir gün şolaryň ýeke bagyşlamasyna zar bolarlar.

Çörek ýerine gün bolanda saçagynda, gün ýüzüni görmezdi hiç kim kyýamata çen jahanda.

Adamlar bilen araň oda golaý durşuň ýaly bolsun. Gaty daşlaşma üşärsiň, gaty ýakynlaşma ýanarsyň!

Adam her deminde iki gezek şükür etmeli. Biri dem alyp durandygy üçin, beýlekisi dem berip durandygy üçin. Sebäbi alyp bermezlik, beribem almazlyk bar.

Üç zat hemişelik dowam etmez: söwdasyz mal, gaýtalanmaýan bilim, nalajedeýin häkimiýet.

Adamyň ruhuny iki zat garaldýar: dymmaly ýerde geplemek we geplemeli ýerde dymmak.

Güle gereginden artyk suw berseň çüýrär, adama gereginden artyk gadyr goýsaň guduzlar.

Owadan aýal lagly-jowahyr, gowy aýal hazyna.

Köňlüň dertli bolmagyny islemeseň, dertli köňülleri dertlerinden halas et.

Patyşa bolaňda zulum etseň, patyşalykdan soň dilegçi bolarsyň.

Her gören tokaýyňy boşdur öýtme. Belki-de, bir buljum ýerinde gaplaň uklap ýatandyr.

Gürlemän bir çüňkde oturan kerlerdir lallar dilini saklap bilmeýän adamdan has gowudyr.

Eý, özgeleriň gynanjyna gynanmaýan kişi! Saňa adam diýmek gelişmeýär…

Duşman bir aýbyňy tapsa, ululuaryň ýüregini daglaýar. Ot uçgun bilenem tutaşyp bilýär, ýöne uly-uly agaçlary ýakyp-kül edip bolýar.

Nijeme meşhur adamlar bardy, ýeriň astyna gömenlerinden soň yzlarynda nam-nyşan galmady… Toprak bagryna duwlanan ullakan maslygy şeýle bir iýdi welin, ahyrynda süňkü-de galmady.

Ýalňyş ýüzlenme dogry sözüň jelladydyr.

Her öňýeteniň aýbyny aýdyp ýören adamyň seniň adyňy-da minnetdarlyk bilen agzar öýtme!

Nämedir bir zat soramak üçin soltanyň ýanyna nämüçin barýarsyň? Tamakinçiligi bir gyra taşla, özüň özüňe soltan bol!

Göwni ynjanlaryň hal-ahwalyny sora, olary begendir. Bir gün seniňem göwnüň ynjar.

Aýtsana, mürewwetsiz eşegarysyna, barybir bal berenok, neşterini bir sokman dursun.

Aýal hem ar-namysly, hem owadan bolsa, äri onuň ýüzüne seretdigisaýy özüni jennetdedir öýder.

Öwüdi täsir etmejegini bilýän adamyňa berme. Ugur-ýoluny ýitiren betbagta “ýuwaşrak gitsene” diýmegiň ne hajaty bar…

Eý, akyl eýesi! Gül tiken bilen bile bolýar. seniň tiken bilen ne işiň bar, gülden çemen bog… Eger tebigatyňda diňe kemçilikleri görmek bar bolsa, tawus guşunda-da hapa aýakdan başga zat görmersiň.

Bir gije söýgülim ýanyma geldi. Ýerimden syçrap turupdyryn welin, köýnegimiň etegi şemi söndürdi. Owadanlygy bilen tümlügi duw-dagyn eden söýgülim sorady: “Men gelende nämüçin çyrany söndürdiň?” Diýdim: “Gün dogandyr öýtdüm…”

Terjime eden we toplan Has TÜRKMEN. Sözler